# Ýuwulan ýürek

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýuwulan ýürek ÝUWULAN ÝÜREK




*Isikawa Takuboku, ýapon şahyry. 1986-1912 aralygynda ýaşan.*
Demirgazyk kenar, şemal göýäki,
Demin alanynda tutulýar demi…
Sen entegem gülläp otyrmykaň heý,
Meniň ýaşlygymyň itburyn güli…

Wera Markowa Isikawa Takubokiniň şygyrlaryny ürç edip rus diline geçiren terjimeçidir.
Wepa Markowa-da ol hakda: “Eger ol diri bolan bolsady, deňiz kenaryndaky çägä beýik, okap bolmaýan iogrogliflerin şekilini entegem çeker oturardy” diýip ýazýar.
Men şahyryň şygyrlaryny birnäçe ýyl öňler hem geçiripdim,

türkmen diline. Dogrusy onuň şygyrlarynyň erkinligi maňa ýaraýardy, hemişe. Hem-de özümiň terjimehalymda näme üçindir şu şahyryň şygyrlaryny terjime edenligimi ýamak isläpdim. Bu meniň öz terjimehalyma ýazyljak buýsançly jümläm bolar diýerdim. Şahyryň şygyrlarynyň bäş setirden ybaratlygy elbetde, terjimelerde boýun egmedik bolubiler, emma onuň köňül hyýallarynyň köküne aralaşmaga çalyşdym we onuň keşbi deňiz kenarynda çäganiň içinde günbatanda şapaga çümüp giden obraz hökmnüde meniň hem okyjylarynyň hem hakydasynda galmagyny gazanandygy hak.

Bu terjimeler elbetde täze, muny bu gün, bu tejribe bilen türkmen diline geçirdim. Geçirýärkäm hem edil özüm ýazýan ýaly bolýardym, diýmek erkin şahyrlar hemişe barlyk bilen bile ýazýarlar döredijiligini hem. Şol sebäpli hem şahyryň döredijiligini türkmen okyjylaryna tanyş etmek isledim. Eger-de şahyr diri bolsady, hem-de türkmen dilini bilýän bolsady, şond aol hökman maňa: “Yzyny dowam et, terjimäň diýerdi” (Özüm hakda täze degişme)

Şygyrlar maňa gaty ýaraýar, hemişe-de ýöne biliňi berk guşap terjime etmek üçin uly tejribe gerek. Geregiňçe söze däl-de şahyryň köňlüne üns bermek isledim, okyjym senem gaýrat et, meň terjimelerme çyda…

Şahyryň döredijiligine sarpam uly…

Oguljennet BÄŞIMOWA.

- **“Özüme bolan söýgi hakda aýdymlar”**

Ak gumly kenarda dyzyna çöken
Gündogar ummanny gözüme salyp,
Synlap otyryn men,
Gözlerim çygly:
Göýäki oglanjyk ylgap kenardan
Barýan leňňeçleri öňüme salyp…

* * *

Ol gyzy unudyp bilmerin asla,

Ol maňa,
Ol maňa hatyra berýär:
Gözleriniň ýaşyn sylyp kä daýym…
Göýäki şemala guran çägeleň,
Doňduryp taşlaýşyn ýaşyn gedaýyň….

* * *

Nijeme gün deňiz bilen bile men,
Otyryn öňünde müzzerlip misli.
Göýäki gözýaşlam bogazma gelse,
Ylgap öýden çykýan,
Agyr nepesli…

* * *

Poslap giden ýarag bar eken öýde,
Ellerimde güýjümem ýok mysaly,
Gulagyndan gysyp goýberdim çägä,
Gördüm pytrap giden çuňlukda çukur,
Geçmişim ýaly…

* * *

Harasat sowuryp çägäň üstünden,
Gazýar rahat- rahat, çukurmy dämi?
Göýäki bir gije,
Mazar gazýanyň
Ellerinde duran guraly ýaly,
Hut şol mysaly…

* * *

Pytraýan çägeden süýrenip barýan,
Uzak aralygy süýrenji kibi
Edil kalba ýara salan söýgümiň,
Uzakdan bildirýan agyrsy kibi…

* * *

Aýagmyň aşagna düşen töňňäni,
Tolkunlar urýardy ary bar misli
Daş-töwerek ümsüm, gözýetim hem ýok,
Söz tapmandym, synlap onuň keşbini…

* * *

Sen näme üçin gamgyn,diri däl çägä,
Gysyp bimerin seň, elleriň bu gün-
Onda-da ses edip, aýalarymdan
Akyp gidýän,
Öýkelän dostum deýin…

* * *

Gözýaş gaçan çäge, çygjaryp ýatyr,
Göýäki bir däne tokgasy kibi
Sen şeýle agyrmy, gözýaş götärden,
Sen şeýle agyrmy,
Agysy kimiň?

* * *

Men nijeme ýazdym “beýik” adyny,
Çägäniň bagryna barmagym sokup…
Ýene-de ajala ýumrugmy çeýnäp,
Turdum gaýtdym,
Gumly üstümi kakyp…

* * *

Men enemiň suratyny çekipdim,
Gamgyn gözlerini gözýaşly edip…
Ýeriň palçyklary onuň ýüzünde
Gam goýudyr, düşündirer ýaly däl…

* * *

Ukudan oýanyp, galman ýatyryn,
Gözlerimi elek-çelek edip kä…

Çagalygmyň gaýduwsyz endikleri,
Maňa haýbat atmaň,
Sürünmäň, ýekä!..

* * *

Yşyksyz oturdym, otsuz oturdym,
Enemiň öýünde diwara bakyp…
Birden gördüm, käte atsyz oturdym,
Göýäki geldiler diwardan çykyp…

* * *

Ejem jany eginlerime alyp,
Göterdim, ol şeýle ýeňiljejikdi.
Üç ädim ätmänem düşürdim ýere,
Ol bolsa, meni
Bütün ömri ýüreginde göterdi…

* * *

Saz guraly uzaklarda aglaýar,
Göýäki inçeden meniň bagrymy,
Gözümdäki otlar bilen daglaýar…

* * *

Ýüregim ýadapdyr, sallanyp ýatyr,
Käte-käte aýagyma çolaşyp…
Ol göýäki,
Togalanyp barýan dek,
Meniň sansyz pikirlerme çolaşyp…

* * *

Haçan şeýle işim bolar, ol işi
Soňladygym saýy ýeňläp giderin…
Şeýle bolsa, şol iş bitenden soňra,
Ajal ellerimi tutanda haçan,
Öňüne düşüp-de ylgap giderin…

* * *

Tramwaýyň döüi hyryn-da dykyn,
Göýäki men bir goşauç un ýalak.
Her agşam, gaýdyşyn,ynsan däl kibi,
Oň içinde unudýaryn dünýäni…

* * *

Seýilgähiň içi jagyl-da jugul,
Agşamüsti şadyýanlyk baýramy.
Näme üçindir ýüregimde gam barly,
Çykyp gaýdan wagtym duýdum men şuny….

* * *

Gözýaşlar, gözýaşlar, beýik jadygöý,
Ýüregi ýuwýaňyz, göýäki pamyk.
Şol ýürekde soň bir ýer açýan kibi,
Sähelçe zada-da soň güler ýalak…

* * *

Ahyr enem bir zat diýdi, oýandym,
Göýäki ellerim bilen pitiklän,
Bulgurmyň jaçini ganat edinip,
Uçdum, doňdum, galdym, oýandym…

* * *

Otlaryň üstüne özüm tändirip,
Pikirlerim ýok hamana kelle-de
Maňlaýyma ganatlarny degirip,
Guşlar göge galýar, iýnýärler bir-de…

* * *

“Näme üçin ölmeli?
Näme üçin ýaşamaly?”
Bu jedeller gaýtalanýar müň gezek…

Uzak- uzak soraglaryň aňyrsy,
Göýäki agaçlaň million ýyllyk kökleri deý
Çyzyk-çyzyk,
Çyzyk-çyzyk…

* * *

Ýüregime ümsümligiň howasy,
Gelip gonanynda munda haçanda…
Sagatlaryň dili uruşýar öýde,
Maňa şol hem hoş ýakyp dur, jahanda…

* * *

Men daglaryň depesine dyrmyşa
Çykdym, ellerimi salgadym ýere…
Kim bilipdir, kime?
Kim bilýär kime?
Ýene ýere düşüp,
Salam berdim soň,
Ýokarda parlaýan ýeke- täk güne…

* * *

Bir ýerlerde her kes bir sorag berýär,
Ýokaryk dyrmaşan haýwanjyklary…
Men bolsa, olaryň ýanyna baryp,
Hiç görmäsim geldi,
Meni halas etmäge gelen şol adamjyklary…

* * *

Gum- gukluk öýüme girdim-de birden
Çekdim tüssäň ýeke demde näzini…
Öz öýümde ýalňyz galasym geldi,
Hat-da hiç kim ýokdy,
Şonda-da ýene,
Ýitirdim men ýekeligiň yzyny…

* * *

Bilmedim, meň näme üçindir otlynyň
Billerine münüp gidesim geldi.
Ine-de şeýtdim,
Soňra, otlydan düşüp, nirä gitjegimi bilmän,
Beýik “wokzalda” kän durdum…

* * *

Ýumşak gara ýüzüm berip ýatyrkam,
Ýüzüm ýanýardy…
Emma şeýle söýgi bilen söýjekdim,
A ýürekde barybir ýanwardy…

* * *

Ýüz ýylky ukudan oýandym misli,
Hiç zat pikirlenmän…

* * *

Men ony öwjekdim,
Ýeňil köňülden…
Arman ýüregimde näzik gam bardy.
Ol gün ýene-de ýanwardy…

* * *

Ýagmyr guýup durdy, üçekler gamda,
Her kesiň ýüzünde bir gussa bardy.
Ýagyş ýuwaşjadan ýüzlere bakyp,
“ýylgyryp” has beter gaty ýagýardy…

* * *

Geçip gitdi ol bagtyýar günlermiz,
Birmahallar söýüpdim men juwany.
Del gapynyň endamyny kakamda,
Içerden ýüregme ýakyn söýgimiň
Maňa çyn ýürekden garaşyp şonda ylgary ýaly,
Şeýle söýesim gelýär…

* * *

Adamlaryň öňlerine çykyp men,
Göýäki dumanyň saýlanany dek…
Soň suwuň içinde ýüzlerim ýanyp,
Gyzgyn suwda gygyrypdym şo gije,
Gyzgyn açylan suw gaýnara geldi…

* * *

Men hakda pikirne gurban bolaýyn,
Diýerdi, jadygöý, şahyr diýilýän.
Dogrusy men ondan pul karz alyp,
Garyplaň, howluda bergisin üzýän…

* * *

Göýäki ajdarha guýrugyn bulap,
Çölüň asmanyndan barýan mysaly
Tüsse uzaklara uzalyp gidýär,
Gözlerim bilen men yzyndan ylgap,
Görýärin howada, aýy hasaly…

* * *

“Ol gowy, bu gowy”
Başga adamlar
maňa käte- käte çawuş çakýarlar.
Men olara gözüm gidip bakýaryn:
Göýäki ruhumda şeýle ýeňillik bolsa,
Menem gitjek bolman dünýeden…

* * *

Aladasyz ýadawlygy söýýän men,
Gözüm gidýär kä birleri parahat.
Ruhuny işine geçirmän diňe,
Işläp gijelerne ýatýarlar rahat,
Hem ýadaw, hem rahat…”

* * *

Henneksize gulluk etmek endigi,
Dünýäni gorkunç bilmekdir begler.

* * *

Suwa çomup, gerk –gäbe ol lebleri,
Deňiz göýäki ol julkuldaýardy.
Näme üçin bilmedim, meniň kalbymy,
Agyrlyk basýardy,
Galpyldaýardy…

* * *

Säher bilen durmuş gurmadyk gyzlaň,
Kiçisiniň hatyn okapdym şonda.
Göýäki içinden gyzgyn setirleň,
Söýgä çagyryşy göründi mende…

* * *

Bir zat üçin bolmalymy hökman şol,
Ylgasamdym, otluk meýdan içinde.
Tä demiň tükenip, gerek- gäbä bolup,
Howany demiňe ýene çekeňde,
Şol pursat bilen ýaşasadyň,
Bu jeňde…

* * *

Sen ýene-de ýalňyz aglamak üçin
Ýüregim her neneň taýýarlanýarsyň
Dostlar gitdi, hersi öz ýoly bilen,
Köçeden tapylan kagyzlar deýin,
Olaryň hersini okap, zyňýarsyň…

* * *

Bu gün meniň hakydama gonupdyr,
Şol gije, şol uzak gije, soňsuzlyk…

Dostuma aýdypdym, ilkinji söýgüň,
Gapysynda duran wagty ümsümlik…

* * *

Birden ýüpi üzüldi-de asmanda,
Howa ýylanynyň, gaçyp gitdi ol…
Ýüregimde ýaşlyk günlermiň dady,
Bildirmän, şeýleje uçup gitdi ol…

* * *

Öz obamyň sesi ýüregme ýakyn,
Ol uzak bolsa-da köňller bir tap.
Men ylgap barýaryn, ony eşitmäge,
Girýän köpçüligiň içine baka…

* * *

Ýüregim göýäki ýaraly jandar,
diňe watanymdan meni almaga
gelerler bir gün,
şonda elde galan wagty köşeşer…

* * *

Ýüregmiň daşlary obaň ýolunda,
Ösgün otlaryň arasyna çümüp gidipdir…

* * *

Gyz jigimden aýrylmak kyn, bilýärdim,
Uzaklaşdym, olar yzymda galdy.
Onuň aglan seslerinde diňlärdim:
“Gyzyl kemer hem sandaljyk getirseň”
-diýen sözlerini ýatlaýan şindem…
Gözýaşlary meniň dyzymda galdy…

* * *

Hat-da onuň ady undulmyş kibi,

Ol oba gelmişdi, kimse bilmedi.
Baglaň aňyrsyndan , ýapyk howludan,
Eşdilýärdi onuň üsgürýän sesi…

* * *

Çyrlaklary säher tutjak bolardym,
Seslerne maýyldym, derýa kenarda.
Ol bolsa meň ýüregimi ezýärdi,
Aýdym aýdyp berip, daglar hakynda.

* * *

Ýüregim näm üçin açylyp durka,
Göýä ýapyk howlyň gapysy kibi…
Öz obamdan ýagşy habar gelende,
Unutýar ol daşyndaky kildini…

* * *

Birden ýada salýan ýagşyň damjasyn,
Mellekdäki ekinlere gaçyşyn…
Ysgynsyz ellemde göterip miwe,
Barýan paýtagtyň ýanýodasyndan,
Göýä gursagyma dökülýär gurşun…

* * *

Meniň hakydamda gizlin altyn dur,
Ýüregim göwher daş, arassalanýar.
Näme üçindir gussa batan halatym,
Meni öwüşgüniniň astyna alýar…

* * *

Meniň bakjam içre bir şaha döwdüň,
Şonda, ýadyňdamy
Gözleň şuglasy,
Bir nepesde göwher kibi ýanýardy…
Aýyň oragynda gara tegmilleň,

Ýagtylan reňkinde şol şaha bardy…

* * *

Otlyň penjiresin otlap barýan gün,
Göýäki gidýärdim, soňsuza sary.
Meniň gözlerimde obamyz bardy,
Gysýardy demimi boýnumyň bagy…

* * *

Oba geldim, aýak basdym bir kerem,
Gözlerim çöňňermiş,
Ellem titiräp,
Görsene, ýüregim agyr özümden,
Aýaklarym bolsa,
Oba golaýlan,
Göwrämiň bir ädim öňünden gelýär…

* * *

Zordan geldim obamyzyň çetinden,
Ýürek elewleýär, elenýär entek.
Köçeler ulalyp, uly köprüler gurulypdyr
Oba, giňärle entek…
Bu köpriniň ady- meň adym… bolsa nätjek…

* * *

Ezilen ruhummy lebimden akýan,
Gyllyk mysaly hut üstümi ezýär.
Göwnüme bolmasa, müň ýyldan bäri,
Ezilen ruhlary portreti deý,
Ol dodaklar bilen ýakalaryň hut arasynda gezýär,
Kükregi ezýär…

* * *

Men özümiň adym tutup agladym,
Gözýaşlar pürkülip gitdi haçanda.

Men juda uzakda galan halatym:
Şonda baglar gülün serpip açanda

* * *

Gögüň ýüzün skyp barýan bug tutdy,
Hem juda ýalňyzdy, ýiteňkirleýän…
Şonda biri meniň ýadyma düşdi:
Ol mendim dünýäniň ýüzünde ýene
Birnäçe wagtdan wagtyň elinde,
Görünmez mekana ýeteňkirleýän… Goşgular